# Liwanda şu pursat kyýamat gopýar

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Liwanda şu pursat kyýamat gopýar LIWANDA ŞU PURSAT KYÝAMAT GOPÝAR



*BMG-niň Baş sekretary Antoniu Guterrişiň liwan meselesi boýunça ýygnakda eden çykyşynda aýdan ilkinji jümlesi: «Liwanda şu pursat kyýamat gopýar».*

Ýaşaýyşy eýläp ýer bilen ýegsan,
Gör ynsan ynsanyň ganyny döküýär,
Asmanam zeminem eýleýär lerzan,
Liwanda şu pursat kyýamat gopýar.

Beton binalaryň süýr depesinden,

Agyr bombalary gaýgyrman oklap,
Bigünäleň tepbedin okasaň-da,
Beýik döwletlerem bilenok gepläp.

Geplemek nirede, açanok agzyn,
Gaýta her birisi gulagyn dykýar.
Bir ýyldyr gan gusýar bigünä Gaza
A indi Liwanda kyýamat gopýar.

Bir ýyldyr bu ýerler ýas lybas geýdi,
Adamlaň köňlüne garaňky çökýär.
Dogry aýdýaň BMG-niň Baş reýsi,
Liwanda şu pursat kyýamat gopýar.

Isgender MÄLIK.

26.09.2024 ý. Goşgular